# «Indi men başyndan başlaýyn…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Indi men başyndan başlaýyn…" «INDI MEN BAŞYNDAN BAŞLAÝYN…»

Indi men başyndan başlaýyn,
Taşlaýyn ölümden gorkyny.
Çünki ol aýazly gyş ýaly,
Almasyn öňünden erkimi.
Salmasyn kalbymy dertlere
Bedasyl pikirleň berip merkini,
Dözerin her niçik şertlere.
Bozaryn keýpini maňa ynanman
Eden işlerime pitjiň atanlaň
It gylykly,
Pişik päli
Görnüşi boýunça eşşek atala.
Agzyma öýkünen nekgendä.
Aý garaz her gendä
Kalbyma bir batman dert beren
Her kime zeýrenmek hökman däl.
Men diňe iş düşse başyma
Daşyma üýşen dost-ýara.
Misli Şükür bagşy mysaly,
Hiç ugruny tapman gürrüň açmanyň,
Gazmamy gollaryma alyp,
Baryny başyndan başlaýyn.

Isgender MÄLIK.

08.01.2022 ý. Goşgular